# Maşa / erteki-poema

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Maşa / erteki-poema MAŞA / rus ertekisi

Bir obada Maşa atly,
Ýetim ösen bir gyz bardy.
Zalym eneligi oňa,
Ýersiz ýere sögünýärdi.

Enebaşga uýasy hem
Gün bermezdi çytyp gaşyn.
Maşa gyz sessiz aglardy,
Gizlin döküp gözde ýaşyn.

Ýaman söz agza almazdy,
Maşa görgüli gowjady.
Söz aýtmaga gelenleri
Aýal dogany sowsa-da.

Maşañ täze toý köýnegnem
Ýygnady enelik zalym.
Bezenere zat ýok gyzda,
Ýigitler soranok halyn.

Gezip ýör köne köýnekli,
Köýnekde telim ýama bar.
Eneligiñ gyzy welin,
Monjuk, ysyrga dakynýar.

Il-günüñ beren zadyndan
Täze köýnek tikdi Maşa.
Atynan mawy ýaglygy
Gelişdi ol galam gaşa.

Ybadathana gitjekdi,
Ol bezenip bilse eger.
Şonuñ üçin eneligne

Diýdi: «Maña monjuk äber».

Eneligi gazap bilen
Topulanda çyzgap goly.
Gözi gorkan ýetim gyzyñ
Bada-bat tutuldy dili.

Aglap çykan Maşa nätsin,
Ýok başga barara gapy.
Ene mazaryna gitse,
Onam biljek däldi tapyp.

Ýollary gömüpdir syrgyn,
Giñ giden gözýetim gardy.
Penjireleñ öñleri hem
Syran gardan dolup durdy.

Daş gapyda duran Maşa
Aglaýardy, teñdi haly.
Şuwlap-şuwlap ýel ösýärdi,
Gorkunçdy gije bir hili.

Öýüñ çüñküne duwlanyp,
Maşañ şol aglap oturşy.
Ýaşly gözlerini sylýar,
Köýneginiñ öñne garşy.

Gitdigiçe sowuk güýjeýär,
Ýelem gazabyna çykýar.
Maşañ gözünden dür ýaly,
Damja-damja ýaşlar akýar.

Bulutdan çykan Aý nury
Älem-jahany tutanmyş.
Görse Maşa, basgançakda
Bir üýşmek hünji ýatanmyş.

Maşa örän begenipdir,
Hünjüjikler dürden eken.

Ol üşän elleri bilen
Çöpläp alýar ýeke-ýeke.

Soñ Maşa gapyny açyp
Öýlerine girjek bolup.
Üýşmek garyñ añyrsyndan
Garry adam ylgap gelip,

Diýýär oña: «Eý, gözel gyz,
Hany bir azajyk duruñ!
Görmediñmi, şu ýerlerde
Gaçyran ekenim dürüm».

Maşanyñ gorkudan ýaña,
Titiräp, ini dyglady.
Soñ sakawlap, diýdi garra:
«Ýañja olary ýygnadym».

Utanjyndan boz-ýaz bolan,
Ýüzüni sowup dessine.
Ýygnan dürün dökjek boldy,
Doñan basgançak üstüne.

Şonda garry şeýle diýdi:
«Dur gyzym, dur, dökme, dökme!
Men senj synajak boldum,
Al, olar señki, bek sakla».

Maşa begenjinden gülüp,
Gyzaryp dur oña bakyp,
Garry gyza şeýle diýdi,
Az salymlyk ünsün çekip.

«Gördüm gyzym, ençe gezek,
Señ nähak gözýaş dökeniñ.
Öýden kowan eneligiñ
Bagry daş, zalym ekenin.

Öýde bsa gyz doganyñ

Beslenýär saçlaryn darap.
Gynanman, gülýärdi gaýta,
Penjireden saňa garap.

Syrgynda aglap durşyny,
Görüp, gynandym keseden,
Döken ýaşlaryň doňduryp,
Men olardan dür ýasadym.

Seniň halyňa gynanyp,
Halys saklap bilmän özüm,
Doňdurdym men eneligňi
Hemem oň doňýürek gyzyn.

Olar ýaly zalym bolma,
Gulluk et haýra-sogaba.
Bu wesýetim, dür sowgadym,
Meniň adym Aýazbaba».

Soň ol garry gaýyp boldy,
Maşa dürlerne seretdi.
Biraz daşaryk diň salyp,
Soň öýlerne girip gitdi.

Ertesi ir bilen Maşa
Ugrady gabyr gazmaga.
Şol gün şanyň nökerlerem.

Şa buýrupdy nökerlerne:
«Aýlanyňda bütin ili,
Iň bir gözel gyzy saýlaň,
Maňa gelin bolar ýaly».

Ol nökerler Maşa duşup,
«Biz seni saýlajak» diýdi.
Ýöne Maşa: «Ilki bilen
Ölimi jaýlajak» diýdi.

Jaýlady. Soň ýasyn tutdy,

Gaýgy-endişe sowuldy.
Şeýdip, Maşa atly ýetim,
Hut, patyşa gelin boldy.

Sergeý ÝESENIN.

Terjime eden: Ahmet GURBANNEPESOW. Poemalar